***Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzy bagy-bossanlyga öwürmek, daş-töweregi gorap saklamak, türkmen tebigatyna aýawly çemeleşmek ugrunda döwlet syýasaty üstünlikli durmuşa geçirilýär. Şu nukdaýnazardan, bilim edaralarynda hem bu babatdaky işlere jogapkärli çemeleşilýär. Ähli ýerlerde bolşy çaly, biz hem çagalar bakja-bagymyzyň daş-töweregine miweli we saýaly baglary ekmek, gülzarlyga öwürmek ugrunda şeýle-de çagalarda tebigata söýgi döretmek, olaryň ilkinji zähmet endiklerini terbiýelemek, ekologiýa medeniýetini kemala getirmek ugrunda hojalyk-guramaçylyk, okuw-terbiýeçilik işlerine jogapkärli çemeleşmäge çalyşýarys.***




Her ýylda ýazky we güýzki bag ekmek möwsümlerinde daş-töwerege ýaş bag nahallaryny oturdyp, gülleriň sanyny köpeldýäris. Sapaklarda, esasan hem, daş-töwerek we tebigat bilen tanyşmak sapaklarynda okuw maksatnamasyna laýyklykda temalaryň haz mazmunly geçirilmegini gazanýarys. Topar otaglarynda otag güllerini ösdürip ýetişdirýäris, «Tebigat» burçlarynda çagalar bilen zähmet işlerini guraýarys. Ata-eneler bilen geçirilýän işlerde,

Все права защищены

günüň dowamyndaky gezelençlerde çagalaryň tebigata bolan söýgüsini artdyrmaga çalyşýarys. Bu babatdaky usulyýet we terbiýeçilik işleri öz netijelerini hem aýdyň görkezýär.



Ýaňy-ýakynda hem «Bagy-bossanlyga we gülzarlyga beslenen iň gowy çagalar bagy» atly bäsleşigiň Mary welaýat tapgyrynda birinji orna mynasyp bolmak biziň çagalar bakja-bagymyzyň paýyna düşdi. Bu bäsleşikde baýrakly orna eýe bolmak biziň ähli bilim işgärlerimiziň hem-de körpelerimiziň buýsanjyny artdyrdy. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda şanly Bitaraplygymyzyň 30 ýyllyk baýramynyň öňüsyrasynda şeýle zähmet üstünlikleriniň gazanylmagy bizi täze üstünliklere ruhlandyrýar. Şoňä görä-de, biz ähli babatdaky işlerimiz bilen bir hatarda döwletimiziň bu ugurdaky syýasy ýörelgelerine, ata-babalarymyzyň milli däplerine eýerip, mundan beýläk hem nahal ekmek, gülleri ýetişdirmek, çaga terbiýelemek, sowat öwretmek, hünäri kämilleşdirmek ýaly wezipeleri has-da netijeli amala aşyrmakda netijeli işlemäge borçlanýarys.

Çünki şeýle asylly maksatlar bilen ýurdumyzyň ösüşlerine goşant goşup zähmet çekmek hakyndaky duýgulary bagyş edýän ajaýyp döwrümiz bar. Şeýle mümkinçilikler üçin bolsa türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza alkyşlarymyz egsilmezdir.

**Merjen ORAZBERDIÝEWA,**

Все права защищены

**Mary etrabynyň 5-nji çagalar bakja-bagynyň müdiri, KA-nyň işjeň agzasy.**

Все права защищены